H Ö K Ü M №2-40/18ý

TÜRKMENISTANYŇ ADYNDAN

2018-nji ýylyň 27-nji apreli Aşgabat şäheri.

Aşgabat şäher kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, düzümde: kazy M.Halmyradowyň başlyklyk etmeginde, kazyýet oturdaşlary M.Geldiýewadan we G.Annaýewadan ybarat bolup, M.Jepbarowyň kätipliginde, döwlet aýyplaýjysy Ý.Ataýewiň we adwokatlar A.Hojagulyýewiň, M.Muhammedowyň gatnaşmaklarynda, ýapyk kazyýet mejlisinde, Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap kazyýetiniň kazyýet mejlishanasynda,

1) 1995-nji ýylyň 10-njy iýunynda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň H.Myradow geňeşliginde doglan, Türkmenistanyň raýaty, milleti türkmen, kazyýet önümçiliginiň alnyp barylýan dilini bilýän, gutarylmadyk ýokary bilimli, sallah, hiç ýerde işlemeýän, öň kazyýet jogapkärçiligine çekilmedik, Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň H.Myradow geňeşliginde ýaşan, harby borçly, döwlet sylaglary bilen sylaglanmadyk, Türkmenistanyň JK-nyň 174-nji maddasynyň 1-nji bölegi, 175-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 177-nji maddasynyň 3-nji bölegi, 275-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri bilen aýyplanýan Kakajan Abdullaýewiç Halbaýewiň,

2) 1990-njy ýylyň 15-nji iýulynda Aşgabat şäherinde doglan, Türkmenistanyň raýaty, milleti türkmen, kazyýet önümçiliginiň alnyp barylýan dilini bilýän, gutarylmadyk ýokary bilimli, sallah, hiç ýerde işlemeýän, öň kazyýet jogapkärçiligine çekilmedik, Aşgabat şäheriniň Parahat-1 ýaşaýyş toplumynyň 39-njy jaýynyň 17-18-nji öýlerinde ýaşan, harby borçly, döwlet sylaglary bilen sylaglanmadyk, Türkmenistanyň JK-nyň 174-nji maddasynyň 1-nji bölegi, 175-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 177-nji maddasynyň 3-nji bölegi, 275-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri bilen aýyplanýan Kemal Meýlismyradowiç Saparowyň jenaýat işine seredip,

## HÖKÜM ETDI:

**Kakajan Abdullaýewiç Halbaýewi** Türkmenistanyň JK-nyň 174-nji maddasynyň 1-nji bölegi, 175-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 177-nji maddasynyň 3-nji bölegi, 275-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri bilen günäli bilmeli we ony:

Türkmenistanyň JK-nyň 174-nji maddasynyň 1-nji bölegi esasynda 12 (on iki) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 175-nji maddasynyň 2-nji bölegi esasynda 4 (dört) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 177-nji maddasynyň 3-nji bölegi esasynda 6 (alty) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 275-nji maddasynyň 1-nji bölegi esasynda emlägini muzdsuz alyp, 12 (on iki) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 275-nji maddasynyň 2-nji bölegi esasynda emlägini muzdsuz alyp, 10 (on) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 63-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, jenaýatlaryň jemi boýunça, bellenen jezalary bölekleýin goşmak arkaly **Kakajan Abdullaýewiç Halbaýewi** gutarnykly, emlägini muzdsuz alyp, 15 (on bäş) ýyl azatlykdan mahrum etmeli we oňa jezasyny berk düzgünli düzediş edarasynda çekdirmeli.

**Kemal Meýlismyradowiç Saparowy** Türkmenistanyň JK-nyň 174-nji maddasynyň 1-nji bölegi, 175-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 177-nji maddasynyň 3-nji bölegi, 275-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri bilen günäli bilmeli we ony:

Türkmenistanyň JK-nyň 174-nji maddasynyň 1-nji bölegi esasynda 12 (on iki) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 175-nji maddasynyň 2-nji bölegi esasynda 4 (dört) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 177-nji maddasynyň 3-nji bölegi esasynda 6 (altv) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 275-nji maddasynyň 1-nji bölegi esasynda emlägini muzdsuz alyp, 12 (on iki) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 275-nji maddasynyň 2-nji bölegi esasynda emlägini muzdsuz alyp, 10 (on) ýyl azatlykdan mahrum etmeli,

Türkmenistanyň JK-nyň 63-nji maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, jenaýatlaryň jemi boýunça, bellenen jezalary bölekleýin goşmak arkaly **Kemal Meýlismyradowiç Saparowy** gutarnykly, emlägini muzdsuz alyp, 15 (on bäş) ýyl azatlykdan mahrum etmeli we oňa jezasyny berk düzgünli düzediş edarasynda çekdirmeli.

K.A.Halbaýewiň jezasyny çekmek möhletini 2018-nji ýylyň 15-nji fewralyndan, K.M.Saparowyň jezasyny çekmek möhletini 2018-nji ýylyň 10-njy fewralyndan hasaplap başlamaly.

Türkmenistanyň JK-nyň 66-njy maddasynyň 3-nji bölegine laýyklykda, iş kesilenleriň deslapky derňewde we kazyýetde işine garalýan döwürde tussaglykda saklanylmagynyň her bir gününi azatlykdan mahrum edilmeginiň iki gününiň hasabyna jeza möhleti hasap etmeli.

Iş kesilenler barasynda ätiýaçsyzlandyryş çäresini üýtgetmän, olary ozalkylygyna tussaglykda galdyrmaly.

Iş boýunça maddy subutnama diýip bilnen we Aşgabat şäher kazyýetiniň maddy subutnamalar otagynda saklanýan "Toshiba" kysymly maglumat göterijini, "LG" kysymly prosessory we "Sony-MR-3" pleýer görnüşdäki fleşkany, "Samsung" kysymly öýjükly telefony we "Samsung" kysymly TAB-2 planşedini döwüp, ýakyp ýok etmeli.

Höküm barada 10 gije-gündiziň dowamynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna, Aşgabat şäher kazyýetiniň üsti bilen nägilelik tertibinde şikaýat we teklipnama bildirilip biliner.

Başlyklyk edýji:

Kazyýet oturdaşlary: 1.

2.

Göçürmesi dogry:

Aşgabat şäher kazyýetiniň kazysy: M.Halmyradow